# Dost ýaralandy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Dost ýaralandy

DOST ÝARALANDY

Meni ussat saýyp, hormat goýanym,
Hormat içre ýalñyz dogan saýanym,
Maña derdin aýdyp, köñül çoýanym,
Bir hata eýledim, dost ýaralandy,
Mähir muhabbetli has ýaralandy.

"Ozalam ýyndamdy, gamçam urulan",
Adyl sözi daşa degip burulan,
Söýgüsi talanyp, meñzi saralan,
Gözlerinde ýaşy, dost ýaralandy,
Mähir muhabbetli has ýaralandy.

Köki daşda köñli bossanlar hany,
Täleýler ýazylan dessanlar hany?
Eý, älem eýesi, Hanlaryñ hany,
Öt günämi, geçir, dost ýaralandy,
Mähri muhabbetli has ýaralandy.

Aşyr, diliñ sakla, asyl-ha dagla,
Köñli bossanlara gül çemen bagla.
Gözýaş günäñ ýuwar, agla-ha agla,
Bir hata eýlediñ, dost ýaralandy,
Mähir muhabbetli has ýaralandy.

Aşyr SALYHOGLY.

Goşgular